O. Hasanboýewa, M. Inoýatowa,
W. Kosteskiý

# EDEPNAMA

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
1- nji synpy üçin derslik

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

„O‘QITUVCHI“ NEŞIRÝAT-ÇAPHANA DÖREDIJILIK ÖÝI
DAŞKENT – 2019

**UO‘K: 17 (075.2)**
**KBK 74.200.51**
**X 33**

Jogapkär redaktor R. H. Djuraýew — p. y. d., akademik.

**Syn ýazanlar:**

**Ş. Töräýew —** f. y. kandidaty, dosent.
**Z. Jumanowa —** Nyzamy adyndaky DDPU doktoranty.
**Z. Jabbarowa —** Respublikan tälim merkeziniň metodisti.
**G. Saýdaliýewa —** Ýunusabat tümenindäki 96-njy mekdebiň ýokary derejeli başlangyç synp mugallymy.

## ŞERTLI BELGILER:

 – bilelikde okaýarys;

 – nakylyň manysyny düşündiriň;

 – ýumuş;

 – sorag;

 – soraglar we ýumuşlar;

 – Ýatda saklaň.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-22-388-2

© О. Ҳасанбоева ва диг.
© ХЭТН „O‘qituvchi“, 2019.

# I. ÖZBEGISTAN — AZAT WE ABAT WATAN

## 1. 1-nji SENTÝABR —GARAŞSYZLYK GÜNI

*Perzentleriň parahatçylygy, olaryň bagty, kämili — jemgyýetiň iň uly baýlygy.*

**Şawkat Mirziýoýew,**
Özbegistanyň Prezidenti



**Baýramyňyz gutly bolsun!**







Baýdagymyz reňke baý,
Size aýandyr bular:
Ak reňk — päklik, ak niýet,
Ýaşyl reňkem — tebigat.
Gyzyl reňk — joş urýan gan,
Gök reňk — asuda asman.
Aý hem ýyldyzlar bary,
Enejan — Özbegistan.

Döwletimiziň baýdagyny reňkläň.





# 2. BABALARDAN MIRAS ÝURT



**Samarkant**



**Nukus**



**Buhara**



**Hywa**



Daşkent, Samarkant, Buhara, Hywa we Nukus şäherleri barada nämeleri bilýärsiňiz?




## Daşkent — Özbegistanyň paýtagty

### Azat ülkäm



Özbegistan — azat ülkäm,
Bagry doly nur ülkäm.
Humaý guşy başyňda,
Bagt parlaýar güneşiňde.

*Dilşod Rajab*

# Abat Watan





**Paýtagtymyzdaky we obalarymyzdaky täze gurulýan binalar**



Siz ýaşaýan ýerde nähili täze binalar gurulýar?

# II. EDEP — ADAM ÜÇIN ZYNATDYR

## 3. EDEP-AHLAK NORMALARYNYŇ ILKINJI TALAPLARY




1. Siziň pikiriňizçe, bu çagalary näme üçin mähriban we edepli diýmek mümkin?
2. Hany ýada salyň, siz haýsy jadyly sözleri köp ulanýarsyňyz?

„ESSALAWMALEÝKIM“,

„LEPBEÝ“, „SAG BOLUŇ“,

„HAÝYŞ“, „HOŞ“.

Ýadyňyza düşen jadyly sözleriňizden peýdalanyp, „Edep kadalary“ goşgyny dolduryň we ýatda saklaň.

| | |
|---|---|
| Birinji kada:<br>Ilki salam, soň kelam,<br>Söz başynda: „...“. |  |
| Ikinji kada:<br>Ýakar gulaga ýagdeý, „Ha-<br>wa“ diýmän, diýseň: „...“. |  |
| Üçünji kada:<br>Işiň düşse, bolar saz, Gü-<br>lüp, diýseň: „...“. |  |
| Dördünji kada:<br>Hoş geldiňiz, diýip ol,<br>Kömek edene: „...“. |  |
| Bäşinji kada:<br>Indemän gitme, Hojaş,<br>Söz soňy bolar: „...“. |  |

# 4. EDEPLI ÇAGA – ILIŇ GEREGI




Suratdan netije çykaryň!



**Ýatda saklaň!** Edepli çaga adamlar bilen söhbetde jadyly sözlerden köp we ýerlikli peýdalanýar



Aşakdaky çagalary näme üçin edepsiz diýýäris? Edepli çaga nähili bolýar?





„Haýyş“, „Baş üstüne“, „Sag boluň“ ýaly jadyly sözleri ulanyp, aşakdaky ýagdaýlary sahnalaşdyryp görkeziň.







## 5. SALAMLAŞMAK EDEBI

Salam bermek iň gözel sypatdyr.









„Essalawmaleýkim“ — „Size dynçlyk we saglyk dileýärin“.

„Waleýkim essalam“ — „Size-de dynçlyk we saglyk dileýärin“.

Salamlaşanda aýdylýan jadyly sözleri ýada salyň.

Essalawmaleýkim!

Waleýkim essalam!

Gurgunmysyňyz?

Sag boluň!

Köçede synpdaşlaryňyza duşsaňyz, nähili salamlaşyp, söhbetleşýändigiňizi görkezip beriň.



Balajanym, şuny bil:
Edebiň — zynatyňdyr.
Edep göýä hazynadyr,
Salamyň — asyl zat.
Edep göýä uçar at,
Salamyň — altyn ganat.

# 6. SALAMLAŞMAGYŇ KADALARY

| | |
|---|---|
| Eli döşe goýmak „Sizi hormat edýärin“ diýildigidir. |  |
| Adatda, kiçi ula salam berýär. |  |
| Bir adam köpçülige salam berýär. |  |
| Maşynda barýan adam pyýada salam berýär. |  |
| Telefonyň trubkasyny galdyryp, „Lepbeý“ diýilýär we salam berilýär. |  |
| Ir bilen el-ýüzüňi ýuwmazdan salamlaşylmaýar. |  |

Berlen suratlardaky ýagdaýlary düşündiriň. Çagalar salamlaşmagyň kadalaryna nähili amal edýändigini aýdyp beriň.









## 7. SÖZLEŞMEK EDEBI




Gülüp duran çaganyň
özi owadan,
Mähir nury saçylan
gözi owadan.
Edebi-de güneşdeý —
ýüzi owadan,
Ýakymly hem mylaýym
sözi owadan.

Sözleşmek edebinde ulanylýan sözleri ýada salyň.

Dostum... Jan ýoldaş...

Sag bol! Bolýa!

Baş üstüne! Gurgunmysyňyz?

Sag-aman ýörmisiňiz?

Ýokardaky sözlerden peýdalanyp, şu ýagdaýlary sahnalaşdyryň.





**Ýatda saklaň!** Söhbetleşende jadyly sözlerden peýdalanyň!

## 8. ÝAGŞYLYK WE ÝAMANLYK

Adamlary hoşal edýän, agyryňy ýeňledýän hereketler ýagşylyk hasaplanýar. Adamlaryň göwnüne degýän hereketler ýamanlykdyr.

Aşakdaky ýagdaýlary sahnalaşdyryň we pikiriňizi bildiriň.





Bilelikde jogap beriň.

**Näme – ýagşy, näme – ýaman?**

- Kömek etmek
- Biperwaýlyk
- Zähmet söýüji bolmak
- Ýaltalyk

- Ululara hormatda bolmak
- Gep gaýtarmak

❓ Durmuşyňyzda suratlardaky haýsy ýagdaýlara duşduňyz? Ýene nähili ýagdaýlarda ýagşylyk etmek mümkin?









# 9. BIZIŇ BORÇLARYMYZ

Borç tabşyrylan işleri wagtynda ýerine ýetirmek, öz wezipelerine jogapkärlik bilen garamakdyr. Jogapkärlik öz hereketi üçin jogapkärligi duýmakdyr.



## Okuwçynyň borjy

Gülnara — jogapkärli gyz. Ol öz okuwçylyk borçlaryny gowy bilýär. Mekdebe öz wagtynda gelýär. Dersde tertipli oturýar. Gowy okaýar.

Bu gün Gülnara — nobatçy. Ol ir bilen gelip, synpyň arassaçylygyny barlady. Arakesmelerde doskany ýaldyradyp süpürip goýdy.

Mugallymymyz Gülnarany „jogapkärli okuwçy“ diýip magtady.



„Okuwçylyk borjy“ diýende nämäni düşünýärsiňiz?

Suraty synlaň. Çagalaryň haýsylary öz işine jogapkärlik bilen garaýar diýip oýlaýarsyňyz?



# 10. MINNETDARLYK

Minnetdarlyk bu adamlaryň kömegin-den hoşal bolmak, olara sag bol aýt-makdyr.

Adamlara nähili sözler bilen sag bol aýdanyňyzy ýada salyň.

Minnetdardyryn! Minnetdar!

Sag boluň! Hoşal boldum!

Şu ýagdaýlar üçin owadan minnet-darlyk sözlerini tapyň.







Ulular size nähili sözler bilen minnetdarlyk bildirýärler?

Berekella!

Berekella ata ogul!

Müň sag bol!

Bereket tap!

Suratlary sahnalaşdyryň. Owadan minnetdarlyk sözlerinden peýdalanyň.





Doga — altyndan gymmat.

# 11. MAŞGALA GURŞAWYNDA

Her bir adamyň öz maşgalasy bar. Maşgalada ata-ene, baba-mama, aga-ini, dogan-jigiller agzybir ýaşaýarlar. Olar birek-birege her bir işde kömek etmelidirler. Çünki, maşgala kiçi Watandyr.



1. Suratda kimler görkezilen?
2. Maşgala agzalaryňyz barada aýdyp beriň.

# Ata-eneňizi we ýakynlaryňyzy aýawlaň!!

1. Ata-eneňize we ýakynlaryňyza mähir we hormat bilen gatnaşykda boluň.

2. Ata-eneňize biminnet kömekçi boluň.







Siz öýde nähili işleri ýerine ýetirýärsiňiz?

Maşgalaňyzdaky tertip-düzgünler barada gürrüň edip beriň.



# 12. BILIM EDARASYNDAKY EDEP-AHLAK KADALARY

- Okuwçy tertipli bolmaly, wezipeleri yhlasly ýerine ýetirmeli.
- Mekdep emlägini we okuw gurallaryny gözüň göreji ýaly aýawly saklamaly.
- Sözleşmek edebine amal etmeli.
- Sorag soramakçy ýa-da jogap bermekçi bolanda el galdyrmaly.



Hany tapyň, suratda haýsy kada bozulypdyr?





Okuwçylar mekdebiň haýsy kadalaryny berjaý edýärler?

Mugallym — ylym bagynyň bagbany.

Edep — adamyň zynaty.

# 13. JEMGYÝETÇILIK ÝERLERINDE ÖZÜŇI ALYP BARMAK

Mekdep, köçe, teatr, kitaphana, jemgyýetçilik transporty jemgyýetçilik ýerlere mysal bolup biler.

Olaryň öz edep kadalary bar.



Suratlara garap, jemgyýetçilik ýerlerinde näme ýagşy, näme ýamandygyny biliň.









## Ýagşymy ýa-da ýaman?

- Salam bermek
- Ötünç soramazlyk
- Ýylgyrmak
- Adamlaryň göwnüne degmek
- „Sag boluň“ aýtmak
- Gygyryp geplemek

Täze dostlar bilen nähili tanyşýandygyňyzy synpdaşyňyz bilen bile sahnalaşdyryp görkeziň.

*Peýdalanmak üçin sözler:*

Men tanşanymdan hoşal!

Minnetdar!

Dostum...

Dost bolalyň...

Jan ýoldaş...



## GAÝTALAMAK

1. Näme üçin ýurdumyzy „Azat we abat Watan“ diýip atlandyrýarys?

2. Nusgadan peýdalanyp, şäherlerimizi taryplaň.

Nusga: Namangan — güller şäheri.

Samarkant — ... .

Hywa — ... .

Nukus — ... .

3. Doglan ýeriňizi taryplaň.

4. Mekdepde berjaý edilýän edep-ahlak kadalaryny aýdyp beriň.

## Sözüň jadysy

Neneň oňat söz — kelam,
Edep başy „Essalam“ .

Hemmelere ýakýar ol:
„Baş üstüne“, „Bolýa“, „Sag bol“ .
Göterýändir göwnüňi
Dostlaryň „Hoş geliňi“.
Soňky söz hem alamat:
„Hoş, sag boluň salamat“

*Dilşod Rajab*

Toparlara bölüniň. Goşgudaky aýratynlandyrylan sözlerden peýdalanyp, Aýazbaba we Gar pamyk söhbetini sahnalaşdyryň.



# III. YNSAN SAGLYGY — ÝURDUŇ BAÝLYGY

## 14. ARASSAÇYLYK — SAGLYGYŇ GIREWI

Suratdaky zatlaryň haýsylary arassa gezmek üçin ulanylýar?



Päkligiň — saglygyň.

### Gaýrat name üçin utandy?

Okuw dersidi. Synpa mekdebiň direktory Umar Akbarowiç girdi. Okuwçylar ýerlerinden turup, direktora salam berdiler. Direktor Gaýratjana garap:

– Gaýratjan, arassaçylygy berjaý etmek barada nämeleri bilýärsiň? – diýip sorady. Gaýratjan ýerinden turdy. Onuň geýimleri ýygyrtly, saçy daralmadyk, tuflisi laýdy. Gaýratjan jogap berip bilmän, utanjyndan gyzaryp ýere bakdy.

Hany aýdyň, name üçin Gaýratjan utanyp, jogap berip bilmedi?





## Tämiz boluň

*Neneň gowy, çagalar,*
*Arassalyk, tämizlik.*
*Gözel tertip, edep bilen*
*Hemişe agzybirlik.*

*Muhiddin Aman*



# 15. NAHARLANMAK EDEBI WE KADALARY

Suratlary synlap, netije çykaryň.









## Mamamyň öwütleri

Agşamlyk nahar wagtydy. Hasan naharyny gaty howlugyp iýdi. Mamam oňa duýduryş berdi:

– Naharlanmagyň öz edebi we kadalary bar. Men üçüsini aýdyp berjek: birinjisi – edepli çaga naharlanmazdan öň we soň ellerini ýuwýar. Ikinjisi – özünden ululardan öň tagama el uzatmaýar. Üçünjisi – mazaly tagam üçin sag bol aýdýar. Galanlaryny sen özüň aýdyp ber hany?!





Naharlanmagyň ýene nähili kadalaryny bilýärsiňiz?



## 16. AMALY SAPAK

Naharlanmak edebi berjaý edilmedik ýagdaýlary tapyň!





Saçagyň daşynda nähili jadyly sözler ulanylýar?

Işdäňiz açyk bolsun!

Haýyş, dadyp görüň...

Sag boluň, nahar gaty mazaly bolupdyr!

Ýokardaky sözleri ulanyp, „Myhman-myhman“ oýnuny oýnaň. Tarelka, çemçe we sançgylardan suratda görkezilişi ýaly peýdalanyň.





# 17. HOWPLY ÝAGDAÝLARDA TERTIPLI WE DOGRY HEREKET EDIŇ!

**Howply ýagdaý** — özüniň ýa-da özgeleriň aýby bilen, biperwaýlyk netijesinde adam durmuşyna howp abanmagy.



Şeýle howply ýagdaýlar nämelere getirýär?









Howply ýagdaýlarda nähili dogry hereket etmelidigini ýatda saklaň.










Durmuşyňyzy howp astyna goýmaň!

## 18. AMALY SAPAK

Howply ýagdaýlarda haýsy telefon belgilerine jaň etmelidigini ýatda saklaň.

101 102 103 104 1050

Siziň pikriňizçe, şu ýagdaýlarda haý-sy telefon belgisine jaň etmeli?





Howpsuzlyk gullugynyň atlaryny ýat-da saklaň.

„Tiz lukmançylyk kömegi“ „Ýangyn howpsuzlygy gullugy “ „Gaz gullugy“
„Içeri işler müdirligi“
„Halas etme gullugy“

Şu maşynlar howpsuzlyk gullugynyň haýsy görnüşine degişli? Nusga garap, gerekli gullugyň görnüşini ýazyň.

*Nusga*







„Gaz gullugy“

„Halas etme gullugy“












# IV. BILIM AL, HÜNÄR ÖWREN

## 19. KITAP — BILIM ÇYRASY





Suratlary deňeşdiriň we netije çykaryň.

### Kitap

Kitapdyryn, kitap men,
Şöhle saçýan güneş men.
Eger meni ýyrtsalar,
Biliň, şonda — näsag men.

*Abdulla Turdiýew*

### Kitap okamagyň kadalary:

- kitaby arassa el bilen tutuň;
- kitaby aýawly saklaň;

• kitaby ýatyp, göze ýakyn edip okamaň, bu saglyk üçin zyýan;

• kitaby ýagtylyk çep tarapdan düşýän ýerde okaň. Kitap okanda bellikden peýdalanmagy endik ediniň.

Siz kitaby aýawly saklamak üçin näme edýärsiňiz?

Gaty söýäris ony
Dürlüçedir mazmuny.
Oldur — hemmäniň dosty,
Käte bolar suraty.
Hany, ýoldaş, muny tap!
Bilenler diýr, bu — ... .



* * *



## 20. BILIM AL, HÜNÄR ÖWREN

Çagalar, gaýrat bilen zähmet çekseňiz, hökman, gelejekde bilimli, hünärli, kämil ynsan bolarsyňyz.

Hany tapyň, bu çagalar gelejekde kim bolmagy mümkin?









## Hünärment



Elinde çotga, ýagy,
Gözellikde ýok taýy ,
Boýagçy Turgun daýym
Ýetmiş hünäri gaýym
Diwara çyzan nagşy,
Görnüşi neneň ýagşy .
Palaw eder gazanda,
Aýdymçy hem sazanda.
Daýym ýaly köphünär,
Bolsaň, hünärden öner .

*Obid Rasul*



Aýry ýazylan jümleleriň kömeginde hünärment nähili bolmalydygyny aýdyp beriň.



Hünärsiz bilen dost bolma.

*„Kowusnama"dan*



Hünärsize g _ _ ýok.



# 21. ADAM ZÄHMETI BILEN HORMATLYDYR

Zähmet bilen durmuşymyz bolelin. Peýdaly we zerur zatlaryň ählisi adam zähmeti arkaly emele gelýär. Şu sebäpli zähmetkeş adama ilimiz hormat goýýar. Eziz okuwçylar, gaýratly we zähmetsöýer boluň!



**Ýatda saklaň! Okuwçynyň esasy zähmeti — pugta bilim almak.**

## Gaýratly okuwçy

„Ýaş kitaphan“ bäsleşiginde Batyr agam ýeňiji boldy. Mugallymymyz Dana Hamidowna oňa uly gül dessesini gowşurdy. „Batyrjan tüýs ýürekden ymtylanlygy sebäpli bäsleşigiň ýeňijisi boldy. Siz hem Batyrjan ýaly bolmagy isleseňiz, zähmetden gaçmaň!“ — diýdi mugallym.



Batyr agama höwes edýärin.



Siz özüňizi zähmetsöýer okuwçy diýip hasaplaýarsyňyzmy?



Zähmet — bagtyň açary.

*Alyşir Nowaýy*

Bu günki işi ertä goýma.



Zähmet çekip tapanyň,
B _ _ ýalydyr dadanyň.



## 22. KIM BOLSAMKA?

*(Amaly sapak)*

Suratlardan peýdalanyp, kärler baradaky goşgy tapmaçalaryň jogabyny tapyň.







Saglygymyz lukmany,
Derdimiziň dermany,
Öz kärine wepaly,
Onuň ady — ... .

* * *

Kitaphana hyzmat eder,
Ählimize kitap berer.
Pikirlenip aýt ol kim?
Tapdym — ... .

* * *

Ellerinde çotgasy, surat çeker, kim?
— ... .

Tapmaçany tapyň. Berlen sözleri özüne laýyk gözeneklere ýerleşdiriň.

Uçujy, lukman, küýzegär, gurluşykçy, inžener.



Ýokardaky kärler barada nämeleri bilýärsiňiz?



Hünär — tükeniksiz hazyna.



# V. EŽDATLAR HATYRASY EBEDIDIR

## 23. HATYRA WE HORMATLAMA GÜNI

9-njy maý — Hatyra we hormatlama güni.

Şu güni biz eždatlarymyzyň göreldeli işlerini ýatlaýarys.

Bizi terbiýeläp, edep-ahlak öwreden babalarymyza we mamalarymyza, ata-enemize sag bol aýdýarys.

Watanymyzyň parahatçylygy we abadançylygy ugrunda jan pida eden, bize bagtly çagalygy sowgat eden eždatlarymyzy — ata-babalarymyzy ýatlaýarys. Olaryň heýkelleriniň öňüne güller goýýarys.

Garrylaryň we näsaglaryň halyndan habar alýarys. Ýatlamak we hormatlamak ählimiziň perzentlik borjumyzdyr.



Hatyra müdimidir.



1. Surata garap, parahatçylyk üçin göreşenleri nähili ýatlaýandygyňyzy aýdyp beriň.
2. Parahatçylyk üçin göreşen ba-balarymyzdan kimleri bilýärsiňiz?
3. Näme üçin gahryman ata-ba-balarymyz hatyrasyny ýatda sak-laýarys?

Mertlik — müdimilik.

## 24. ZYÝARAT EDEBI

*(Amaly sapak)*



Ýurdumyzda ençeme zyýaratgähler bar. Hatyra we hormatlama gününde biz zyýaratgähde bolduk. Zyýaratgähe girmezden öň mugallymymyz:

„Çagalar, zyýaratgähiň çäginde arassaçylygy berjaý ediň. Belent sesde geplemäň. Ata-babalarymyzyň durmuşy we

göreldeli işleri barada köpräk maglumat toplaň“, — diýip aýtdy.

Ata-eneňiz bilen ýakyn töwerekdäki zyýaratgähe baryň. Zyýarat edebine amal ediň...

## Danalar zyýarat edebi barada

* Zyýaratgähe ýuwunyp, arassa bolup barmaly.
* Zyýaratgähe salam berip girmeli.
* Zyýaratgähde kerpiçlere we bezeglere dürli sözleri we niýetleri ýazmak mümkin däl.
* Beýikleriň kümmetiniň üstüne şem ýakmak, ýanyndaky agaçlara dürli esgileri we lentalary daňmak mümkin däl.

# VI. VI. TEBIGAT WE BIZ

## 25. TEBIGATY AÝAWLAMAK WE TEBIGATYŇ GUJAGYNA SYÝAHAT EDEBI

Tebigat — bu ýer, asman, daragtlar, jandarlar, dury suw we arassa howa diýmekdir. Tebigatyň gujagyna syýahat çagynda arassaçylygy saklamaly, jandarlara azar bermeli däl, dury suwa çykyndy taşlamak bolmaýar. Ýogsam, Alymjanyň ýoldaşlary ýaly utanarsyňyz.

### Tebigaty aýawlaň

*(Durmuşy erteki)*

Tomusda Alymjan ýoldaşlary bilen dagyň etegine syýahata çykdy. Günuzyn arassa howada dynç aldylar. Alymjan başgaça oglan, tebigat bilen gepleşip bilýär. Ol Çeşmäniň ýanynda dynç alyp ýatyrdy, birdenkä onuň sözüni eşitdi:

— Alymjan, Alyga aýt. Näme üçin

maňa çykyndy taşlaýar? — iňredi Çeşme.

— Welä aýt, şahalarymy döwmesin, janym agyrýar, — diýdi Erik agajy.

— Mahmyt jüýjelerimi kakyp



gaçykmakçy, — diýdi zar çekip Guşjagaz.

Bu gepleri eşiden Alymjan gaty gynandy. Olara ýüregi awap, aglap goýberdi. Ýoldaşlary etmişlerinden puşman boldular. Çeşmeden, Erik agajyndan we Guşjagazdan ötünç soradylar.

Ertekiden netije çykaryň. Tebigatyň gujagyna syýahat edebi nämelerden ybarat eken?

## 26. JANDARLARA GAMHORLYK — GOWY SYPAT

Jandarlar — adamyň ýakyn dostlary. Olar hemişe adama hyzmat edip gelipdirler.



Kepderi hat daşapdyr.



At uzagy ýakyn edýär.



It öýümizi goraýar.

Korol şir, danyşment leglek we uçar aty örän gowy görýärsiňiz, dogrumy? Olar gözelligi, batyrlygy we danalygy bilen mähriňizi gazanypdyrlar. Gapyňyzyň ýanynda myrlap ýatan pişige, garyň astyndan ownuk gözleýän guşa rehmiňiz gelýär, elbetde. Ýöne rehim etmegiň özi kemlik edýär. Jandarlara gamhorlyk etmeli.

Aşakdaky haýwanlaryň adynyň baş harplaryny tapsaňyz, „Gyzyl kitaba“ giren jandaryň adyny taparsyňyz.

 +  + B +  +  + H

## Näçün bilbil saýramaz?



Aga, biziň gülzarda,
Neçün bilbil saýramaz?
Biz bilen ýakyn bolup,
Oýnap gezmez, ýaýnamaz.

Ol guşjagaz bagymyzda
Saýrap gezende, Haldar,
Kowupdyň-a özüň,
Entegem ýadynda bar…

*Allabergen Polat*

Guşlar nähili çagalardan gaçýarlar?

# 27. TEBIGATYŇ NYGMATLARYNY TYGŞYTLAMAK

Adam tebigatyň nygmatlary bolmasa ýaşap bilmeýär. Hatda tagamlarymyz hem onuň kömeginde taýýarlanýar. Tebigatyň nygmatlary arkaly durmuşymyz bolelin. Elektrik kuwwaty we tebigy gazsyz näme edip bilerdik?! Elektrik kuwwaty öýlerimizi yşyklandyrýar, ullakan kärhanalar, telewizor, radio, doňdurgyç, kompýuter, el telefony — ählisi ol sebäpli işleýär.

Agyz suwy barha kemelip barýar.

Gaz, suw we elektrik kuwwatyny tygşytlamak biziň ynsany borjumyzdyr.



Her bir zadyň ölçegi bar.



1. Suw, gaz, elektrik kuwwaty adama nähili peýda getirýär?
2. Näme üçin arassa suwy tyg-şytlamaly?







1. Suratlardaky ýagdaýlara baha beriň.
2. Siz suw, gaz we elektrik kuwwatyny tygşytlamaga nähili goşant goşýarsyňyz?



Suwsuz ýaşaýyş bolmaz,
zähmetsiz — rahat.



# 28. JEMLEÝJI DERS

## Edepnamanyň 1-nji synp okuwçysyna öwütleri




Ynha siz „Edepnama“ny okap, edep-ahlak barada köp zatlary öwrendiňiz. Sözleşmek we salamlaşmak edebine degişli jadyly sözleri ulanmagy endik edindiňiz. Mekdepde, tebigatyň gujagynda we jemgyýetçilik ýerlerinde özüňizi nähili alyp barmalydygyny bildiňiz. Geçilen temalary bir ýada salyň hany, ählisini özleşdirip aldyňyzmy?!

Tomusky dynç alyşdan öň size zerur maslahatlary bermekçidirin. Olar size hemişe gerek bolar.



## Ýatda saklaň!

1. Öýüňizde kiçi kitaphana störediň. Köpräk okajak boluň, bilim eýelemäge çalşyň.

2. Sagdyn bedende sag akyl bolýandygyny ýatda saklaň. Bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanyň.

3. Ýagşy adatlara amal ediň. Ýaman adatlardan uzakda boluň.

4. Dogruçyl boluň. Hiç haçan ýalan geplemäň.

Eger şu öwütlere amal edip bilseňiz, sizi hemmeler gowy görüp, hormat ederler.

**Hoş, eziz balajanlarym!**
**Edepli adam ilde eziz bolýandygyny ýatda saklaň!**



# MAZMUNY


## I. ÖZBEGISTAN — AZAT WE ABAT WATAN

1-nji sentýabr — Garaşsyzlyk güni ..................... 3
Babalardan miras ýurt ...................................... 5

## II. EDEP — ADAM ÜÇIN ZYNAT

Edep-ahlak normalarynyň ilkinji talaplary .............. 8
Edepli çaga iliň geregi ......................................... 10
Salamlaşmak edebi ................................................ 12
Salamlaşmagyň kadalary ..................................... 14
Sözleşmek edebi .................................................... 16
Ýagşylyk we ýamanlyk ......................................... 18
Biziň borçlarymyz .................................................. 20
Minnetdarlyk ......................................................... 22
Maşgala gurşawynda ............................................. 24
Bilim edarasyndaky edep-ahlak
kadalary ................................................................. 26
Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmak ........ 28
Gaýtalamak ........................................................... 30

## III. ADAM SAGLYGY — ÝURT BAÝLYGY

Arassaçylyk — saglygyň girewi .......................... 32
Naharlanmak edebi we kadalary ........................ 34
Amaly sapak ......................................................... 36

Howply ýagdaýlarda tertipli we dogry hereket ediň! .......... 38
Amaly sapak .......... 40

## IV. BILIM AL, HÜNÄR ÖWREN

Kitap — bilim çyrasy .......... 42
Bilim al, hünär öwren .......... 44
Adam zähmeti bilen hormatlydyr .......... 46
*Kim bolsamka? (Amaly sapak)* .......... 48

## V. EŽDATLAR HATYRASY EBEDIDIR

Hatyra we hormatlama güni .......... 50
Zyýarat edebi (Amaly sapak) .......... 52

## VI. TEBIGAT WE BIZ

Tebigaty aýawlamak we tebigatyň gujagyna syýahat edebi .......... 54
Jandarlara gamhorlyk — gowy sypat .......... 56
Tebigatyň nygmatlaryny tygşytlamak .......... 58
Jemleýji ders .......... 60

74.200.51
X 33

**Hasanbaýewa, Aýşa**

**Edepnama:** 1-nji synp üçin derslik / O. Hasanbaýewa, M. Inoýatowa, W. Kosteskiý — Daşkent: „O‘qituvchi“ NÇDÖ, 2019. — 64 sah.

ISBN 978-9943-22-388-2

UO‘K: 17 (075.2)
KBK 74.200.51

**Oysha Hasanboyeva**

**Muhayyo Inoyatova**

**Vasiliy Kostetskiy**

# ODOBNOMA

**Ta’lim turkman tilida olib boriladigan maktablarning 1- sinfi uchun darslik**

*„O‘qituvchi“ nashriyot-matbaa ijodiy uyi*
*Toshkent — 2019*

Terjime eden K. Hallyýew
Redaktor J. Metýakubow
Çeper redaktor K. Şamuradow
Tehniki redaktor N. Niýazmuhamedowa
Kompýuterde sahaplaýjy Sh. Ahrorova

Neşirýat lisenziýasy AI № 012. 20.07.2018. Original - maketden çap etmäge 2019-njy ýylyň 20-nji maýynda rugsat edildi. Möçberi 70×90 1/16. Kegli 18 şponly. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Şertli çap listi 4,68. Hasap - neşirýat listi 4,0. 1076 nusgada çap edildi. Buýurma № 19-269

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Administrasiýasynyň ýanyndaky Habar we köpçülikleýin kommunikasiýalar agentliginiň «O‘qituvchi» neşirýat-çaphana döredijilik öýi. Daşkent — 206, Ýangişäher köçesi, 1. Şertnama № 38-19

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Administrasiýasynyň ýanyndaky Habar we köpçülikleýin kommunikasiýalar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýüniň çaphanasynda çap edildi.
100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.